# Kyn pursatlar / hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Kyn pursatlar / hekaýa KYN PURSATLAR

Bu ýere gitjek bolsaň, ýollaryň öwrümlerden, aýlawlardan doludygyny eşidýän bolsam-da edil beýledir öýtmeýärdim. Aýdardylar öwrümleriň şeýle köpdügini, dogurdan hem şeýledi. Biri gutarmanka bäşga biri öňümizden çykýardy. Gije araba sürmegi halamaýan Ahmediň dogurdan hem bu ýola gahary gelmäge başlady. Çagalary, ýanýoldaşy bilen uzak ýola, dynç almaga çykanlary hem ýaňydy. Juda uzak wagt bäri görmedik dostunyň ýaşaýan ýerine barýança ýene nijeme öwrümleriň şaýady boljakdyklary, nijeme kynçylyklara duşjakdygy bes – bellidi. Hüseýniň özüne gaty ýalbaryp, haýyş edendigi, gezmäge gelmese öýkelejekdigini aýtmasy dogurdan hem Ahmedi pikirlendiripdi.
– Geliň bu ýerlere, meniň öýümde galarsyňyz! Çagalary myhmançylygy kän bir halap barmaýan hem bolsalar, kakalarynyň begenşini görüp, kän bir zat diýjek hem bolup durmandylar, kakalary garyndaş, dost-ýar bilen wgat geçirmegi dogurdan hem halaýardy.
…Gijä galdylar. Öwrümler hiç gutarmaýardy, aňyrsy-bärsi ýok ýalydy hamana, şol bir ýerde aýlanyp duran ýalydy. Ol ýerden ýene bir ulurak ulag geçse-hä bar onsoň… “Agşam sagat ýedilerde öýde garaşýandygyny”- aýdan Hüseýniň öýüne barmak üçin ýola çykan hem bolsalar, entek dokuzda- da ýoldadylar. Haçan barjaklary belli hem däldi. Çagalary bilen aýaly bildirmejek bolsalar hem birhili rahatsyzlanmaga başladylar. Adamsynyň sözi üçin bir gije galjak ýerlerine entegem ýetmändiler. Dogrusy el telefony hem tutmaýardy içiňi ýakaýyn diýen ýaly. Kä ýerde tutýan ýerinde hem dostundan habar geldi: “Men gitmeli boldum, öýe baryberiň, salgysyny ugradýan”
-Bu näme diýdigi bolýaka? Ol öýde ýok bolsa, öýde kim barka, aýaly-ha ýok, çagalary hem başga şaherde ýaşaýar, salgyny alanlary bilen nädip?… Ahmediň kellesi bulaşmaga başlady.
– Aý hany, gideli, göreli!Belki myhmanhanada ýerleşeris. Ol

dostundan gelen smsi çagalaryna aýtjagyny hem bilmedi, aýtmajagyny hem… Olaryň gaýgylaryny artdyrmak islemedi. Barybir çagalar goýman okadylar sms-i… “Belki howlukmaç bir işi çykandyr, biz barýançak, geljekdir. Sogsa Hüseýin hiç wagt hem beýle etmez ahbetin?! «Aýaly bu ýagdaýyň dartgynlylygyny gowşatmak üçin elinden gelenini edýärdi.
“Ýo,ýo Hüseýin hiç wagt hem beýle etmez. Çünki onuň bilen uniwersitetde okan ýyllarynda iýeni aýra gitmeýärdi, habetin?!”bu pikir bilen öwrümleri açdygyça wagt ep-esli bolupdy.
Kakalarynyň aladasyny biraz azaltmak üçin bolsa- da:
– Gije ulagdan ýatsak hem bolýar, ahbetin! Yzyndan hem gülüşýärdiler. Şähere golaýladyklaryça telefon hem açylmaga başlady. Öýüň salgysyny kartada görüp gelýän Ahmet sagat on birlerde şähere has golaýlady. Hüseýin jaňa jogap bermeýärdi. Ahmet bolsa, şäheriň merkezi diýilýän ýere geldi-de myhmanhanalara seredip, ýoluny dowam etdirýärdi. Edil şo barmana “Öýe golaýlaşsaň, aýtgyn” diýem sms geldi. Ahmet ýene jaň etdi. Galdyrmady. “Ýygnakda”. Gije sagat on bir, ýol, ulag sürmek, ýadawlyk, öwrümler… Sanly ulgamy yzarlap gelşine olaryň köçesine golaýlaýardyk. Öýüň arka tarapy tokaýa seredýärdi, ulagdan düşdiler. Goňşulary tarapdan gelýän it sesleri bolsa, birhili ýadaw adamalryň degnasyna degýärdi. Öýde yşyk ýok! Howlynyň gapysy hem gulply. Gapysynyň üstünde, ýokarrakda duran bir guty Ahmediň ünsüni özüne çekdi. Gapynyň jaňyny basdy. Birnäçe gezek her ýerine basyşdyrdy.Şäheriň yşyklary-da azdy, birhili öz-ä… El telefonunynyň yşygyny ýakyp, sermeşdirdi, açary gözleýärdi, bellidi. Gulp hem poslap gidipdir, belli howlynyň gapysy-da ulanylmaýan bolara çemli?
– Ýok, işlänok…Uludan demini aldy-da yzyna öwrüldi. Ýene bir sms geldi:
– Maňa meil slagyňy ýaz!
– Bu näme diýdigi boldy? Çagalary bir kakalaryna birem gelen smse seredip doňup galdylar.
Olar öz aralarynda gürleşip durkalalar itleriň sesi hem arasynda has gatalmaga başlady.Gijäniň ýarynda köçede galan adamdan email salgy sormak näme diýmegi aňladýarka, janlarym?

Synanşaýmasalar başga çäreleri-hä ýokdy, gijäniň ýaynda, iýberdi. Ýene köne jaňa basdy, her ýerine basyşdyrdy, aljyraýardy, gahary geljek bolýardy, ýadawdy, dostunyň näme üçin beýdýändigine düşünmeýärdi.
-Işlänok, kaka basma! Ýene sms geldi:
-Maile gir-de yzarla!
-Nä bileýin, köp basansoň, işleýändir öýtdüm, gyzym!Beh… ol ýene telefonuna seretdi. Çagalary gelen sms-iň nämedigini bilmäge çalyşýardylar:
-Kaka şu snalary gapydaky guta ýaz diýýärler!Ahmet telefonuny ogluna uzatdy. Ol 5438 diýdi-de ýazdy,derrew bir zadyň sesi geldi-de gapy açylyberdi. Geň galyp, howla girdiler,hiç kim ýok!Ýene bir sms geldi:
– Şu sanlar bilen gapynyň arkasyndaky guta-da giriň!Gyzy:
– Kaka bu ýere… ýerini görkezdi.Indi birhili hemmesine ynam gelmäge başlady. Bir gizlinje gutyny görkezdi, sowukdan , ölden goralýan gabyň içinde… 4417 –ogly gaty ses bilen aýtdy.Bir çekmejigiň yzyna açylmasy bilen bir- birine aňk bolup durkalar gözleri elek-çelekdi.
Hemmesi birlikde açylan çekere başlaryny uzatdylar. Ogly:
– Açar bar!
– Al… Haýran galmakdan ýaňa açara salynýanyň içine salnan açary titräp duran elleri bilen çykardy-da seretdi: “Howly tarapdaky gapy”. Ýene bir sesli sms geldi:
-Öýe giriň, holodilnikde hemme zat taýýardyr, çaýyň suwuny hem goýup gitdim, aşagyny ýakaýyň! Hersi bir- birine seredip duruşlaryna aňkalary aşan ýaly hereketler edýärdiler. Gapyny açmaga çalyşdylar, itleriň sesi entegem gelýärdi.Gapy açyldy, içerik girenleri hem şoldy, ortarada duran naharlaryň, her zat juda owadan edilip goýlan stolyň üsti näz- nygmatdan dolydy.
– Çaýyň aşagyny otlaň! Şeý diýdi-de Ahmet oturgyja özüni goýberdi. Çaý gaýnap-gaýnamanka Hüseýnem gelip ýetdi. Firmalarynda adatdan daşary ýygnak bolupdyr, ýokary ýolbaşçylar gelip, gije derrew bir howlukmaç işiň ýüze çykandygyny aýdyp, soňra telefona şonuň üçin jogap berip bilmedigi üçin ötünç sorady.
– Köne jaň basylýandan barmagyňy aýyrmadyň diýip, dostuna

bakyp, gülmäge durdy.
– Näme edeýin, tanaýan öýüm bolansoň…
– Wiii, Hüseýin agam sen nirden bilýäň, kakamyň o ýerde köp durandygyny…
– Telefonumda öýüň howlusynyň kameralaryndan seredip oturdym, ýygnakda. Dogrusy gülmän zooo-rdan oturdym, siziň bolup durşuňyza…

Ýakup ÖMEROGLY.

Türk dilinden terjime eden Oguljennet BÄŞIMOWA. Hekaýalar